# Ykbalymdan nalamadym durmuşda…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ykbalymdan nalamadym durmuşda… YKBALYMDAN NALAMADYM DURMUŞDA…

Ykbalymdan nalamadym durmuşda,
Maňa ýeten eser boldy her günüm.
Görmedik biz asmandaky jisimleň
Wagty dolman ýaşanyny hiç Günem.

Täleýime garatmadym hiç haçan,
Geň galýaryn şu ynsandan – Äleme.
Düşünjelerine görä etdiler gürrüň,
Garady adamlar meniň täleýme.

Meň ýanymda güler ýüzli tanyşlar,
Öz tanyşlaryna tarap pikir eltdiler.
Şu zatlary hiç hili aklym alanok,
Hiç zat bolmadyk deý ýene geldiler.

Köp gitmek isleýän tanyşsyz ýere,
Erbet bolsamam tanamasynlar goý!
Çünki, bar şeýleräk nadan adamlar,
Edenlerin dile çolamasynlar goý!

Köp zady görmeýän jahyl deý gözler,
Men size ýalbarýan görüň dogryny!
Kitabyň gatyny açmadyk pikir,
Aýtmagy unutmaň ýalňyş, egrini!!!

✍ Ahally Goşgular